# Pyragy -2/ romanyñ dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 23 января, 2025
Pyragy -2/ romanyñ dowamy 2.

Garry mollanyň işigindäki atýatakda üç sany bedew gaňtarylgy durdy. Döwletmämmet molla olaryň içinden diňe birini, Çowduryň atyny tanady. Onuň göwni duýdansyz jigläp gitdi. «Be, oglanlar geläýdimikä, allajan?!» Bu süýji oý onuň göwnüne ganat bagladypdy. Aýaklary göwresine gelişmeýän ýeňillik bilen ädilýärdi.
Onuň aýak sesine myhman tamdan üç pyýada daş çykdy. Olar Garry molla edep bilen salam berdiler.
– Essalowmaleýkim, Molla aga!
– Essalowmaleýkim!
Garry molla dodaklaryny çala gymyldadyp, öýi salgy berdi.
– Giriň! Giriň! Men bir elime suw alaýyn.
Gulaly ýaşulynyň eline üç mertebe suw akytdy. Soň myhmanlar ellerine suw aldylar.
Garry molla töre geçdi. Soň çök düşüp, endigine görä, jaýlaşykly oturdy.
Onuň gapdalynda oturan, ini-boýy ýeten guzy derisinden tikilen silkme telpekli, daýanykly adam ähüm-ühüm etdi.
Soň onuň gapdalyndaky ýaňagynda agyr tyg yzy bildirip duran kelteräk adam hem Çowduryň ýüzüne garady.
– Mollam, bir el galdyryp berseňiz…
Garry molla diýseň owadan, saýhally owaz bilen tebärek okap başlady. Ol okadyksaýy birhili kiçelip barýan ýalydy. Çowduryň göwnüne bolmasa, ol şol oturyşyna kiçelip-kiçelip akja guşa öwrülip, uçup ötägitjek ýalydy. Şonuň üçin ol iki gözüni özüniň ylym atasyndan aýyrman otyrdy. Gelen myhmanlar hem Garry mollanyň owazynyň astynda eräp barýan ýalydylar.
Omyn edilenden soň iki myhman birden diýen ýaly gürledi.
– Ýeňňemiziň alnyna barsyn. Ýatan ýeri ýagty bolsun! Şeýle bolaýypdyr, pahyr!
Döwletmämmet molla kabullyk töwirini etdi. Soňra orta saçak

atyldy. Gaýnatmanyň ysy tutuş öýe ýaýrap gitdi.
Naharyň başynda gürrüň tanyşlyga syrykdy. Çowdur birhili uýaljyrap, gozganjyrap gürrüňe başlady.
– Mollam, bu adamlar siziň gonagyňyz, siz bulary tanamadyňyz öýdýän.
Garry molla göwnühoş ýylgyrdy.
– Ä-ä, tüweleme, gonak meniňki bolsa bor, tanşar oturarys, Çowdur jan!
– Ine, bi, teke garyndaşlaryň bir hany Gündogdy han, bi hem, ýomutlardan, hol, Erejep hanyň ogly Çalyş han.
Döwletmämmet mollanyň ýüzi ýagtyldy. Ol dikelen ýaly boldy.
– Häk, Çowdur jan, köşek, gözlerim peselip ýör-ow. Bular, asyl öz oglanlarymyz oruşýan.
Ol ýeke-ekeden hal-ahwal soraşdyrdy. Garry mollanyň ruhunyň göterilmegi Gündogdy hanyň keýpini göterdi. Ol ullakan silkme telpegini çykaryp, owadan keşdelenen tahýasy bilen derçigen kellesini birki mertebe sypalady.
Soňra nahara göwünsizlik bilen el uzatdy.
– Bizem Garry molla dädemiziň ýanyna salama baryp gaýdaly diýip, köfden bäri hewes edip ýörýärdik. Hiç sähedi duşmady. Onnam, ine, mazaly Gündogdy han gelady. Bile gaýdyberdik, aý, ine dänim, geleris, köwlenip diýäkgeden – diýip, onuň ýanyndaky Çalyş han uýalýan ýaly görnüş bilen gürledi.
– Aý, tüweleme, ýigitler, ynsan soraşa-soraşa diýipdirler, babalarymyz. Sizleriň ata-babalaryňyz bilen aňry kökümiz bir daragtdan gaýdýandyr. Erejep han biziň arkamyz bolsa, Ugurly han biziň ýüzümizdir. Eger-de siz bolmadyk bolsaňyz, türkmen heýem türkmen bolarmy?..
Gündogdy han nahardan çekilip, elini saçaga süpürişdirdi.
– Iý, han, sen Ugurly hanyň ogly boljak bolsan, berre guzyny bir özüň şamlyk edinmelisiň…
– Ýok, molla kaka, bizem garnymyzyň gadryny bilýäs. Çowdur han biziň işdämiziň bir-ä badyny aldy. Indem görüberýäs, ajygýançak…
Döwletmämmet molla hem elini saçaga çaldy. Soň gysgajyk omyn edip ýerinden turdy. Ona çenli Gulaly bir tabak goýun eprigini alyp geldi. Gobsunjyrap oturan myhmanlar oturmaly boldular.

– Ýigitler, siz birsalym, güýmeniň, Çowdur jan, sen bir daş çyk, köşek – diýip, Garry molla garşydaky öýe girip gitdi. Ol öýden ýagly esgä dolanan jöwher tygly gökleň pyçagyny alyp çykdy. Soň çertege bakan ýöneldi.

Adamsynyň hyýalyna düşünen Gazak gelin owadan ýorgalap, öýden mis kersenleri alyp çykdy. Ojagyň gapdalynda, üç aýak taganyň üstünde duran alty gulak gazanyň astyna syrlyk-süplükden tutaşdyrlyk atyşdyrdy. Soň gazana suw eňterdi.

– Çowdur jan, çertekdäki işegi ýüzüp ber. Bu ýyl gysyr galypdyr, janawer. Gelinbibiň ýylyna bolar diýip, gazyga baglap ýördük. Nesiplisi bardyr-da, ol günüň. Kişi nesibini kişi iýmez diýipdirler, babalarymyz…

Eprikden keýplerini köklän Gündogdy han bilen Çalyş hanam öýde ýeke oturmagy uslyp görmedilermi, nämemi, daş çykdylar. Olar Çowduryň edip oturan işine känbir ünsem bermän, medresä tarap ugradylar.

Çowdur işegi salymyny bermän soýup-soýkalap, Gazak gelne tabşyryp, öýe myhmanlarynyň yzyndan ugrady.

Gündogdy han bilen Çalyş han bönekeýje oba medresesine syn edýärdiler.

– Döwletmämmet mollanyň medresesi diýseler, Änew metjidi ýaly äpet köşgi-eýwan ymaraty görjekdik. Bu-ýa bir bäş-alty sany hüjre eken – diýip, Gündogdy han göwünsiz gürledi.

– Hawa-daýt, mundana Parawbibi metjidem gawumyşdyk. Gyzylarbat galasynyň özem heýwere bir zat-daýt, bujagazyň ýanynda.

Çowdur iki hanyň göwnüne degmän gürledi.

– Bu bir kaşaň zat däl-le. Ýöne, häki bir oglanlaryň gözi açylsyn diýip garyp-gasaryň öz güýji bilen diken çalamydary, by. Ýöne, il agzy keramat diýleni ýaly, sapak berýän mollalar, ders alýan talyplar parhlyrak bolansoň medrese diýäýýärler, muňa…

– Bi, ýogsa-da Garry mollanyň Abdylla diýen bir ogly barmyşdyk, heýwere hakdan içen, zyban şaýyrmyş diýip eşidipdik-däýt. – Çalyş hanyň bilesigelijiligi Gündogdy hana-da geçipdi. Ol hem gamçysyny aýnagonç ädigine urup durşuna ara goşuldy.

– Biziň bilşimizçe, ol Abdylla-ha bolmaly däl, ady başgarak

bolmaly ýaly-la?
Çowdur bu iki hana özüniň söwer dosty barada gürrüň berjegine hem begendi, hem buýsandy. Ol gamçysynyň sapy bilen joýa-joýa bolup tüňňerip duran maňlaýyny gaşady.
– Gündogdy aga munda geliň. – Ol agzy gündogara garap duran, işigi dagdan agajyndan ýasalan tämizje hüjrä girdi. – Ine, şujagaz ýerde şol ýigit bilen bileje ýedi ýyl oturdym. Onuň ady Magtymguly. Özem Garry mollanyň dädesiniň at dakylany. Ol indi üç-dört ýyl bäri Hywadamy, Buharadamy, uly medresede okap ýör. Ine, işallam, ahun çykyp geler…
Çowduryň uly höwes bilen öwmesi Gündogdy hana ýaramadyk bora çemeli. Ol medresäniň ýöntemje minarasyna göwnüýetmezçilik bilen garap gürledi.
– Heý, Çowdur han, Çowdur han, bize ahunam gerek bolsa gerekdir welin, seniň ýaly gylyç oýnap bilýän ýigitler köpräk gerek, şeýle dälmi, Çalyş han?..
Çalyş han bu ikisiniň gürrüňini diňlänok diýen ýalydy. Şonuň üçin ol öz adynyň tutulanyna ünsem bermedi. Ýöne Çowduram gep alyp galmady.
– Onyň dogrudyr, han aga, ýöne, özüm-ä bolar-bolgusyz eli gylyçlydan, Magtymguly ýaly hakdan içen suhangöýi gowy görjek.
Gündogdy han silkinip-silkinip, ýalandan gülen boldy. Onuň telpeginiň uzyn burumlary seçelenip-seçelenip gitdi. Ýöne Çowdur sesini çykarmady.
Şol wagt Gulaly gelip, myhmanlara «Sizi öýe çagyrýarlar» diýen yşarat etdi.
Düýe ýüňünden dokalan saçagyň üstünde goýlan tagamlar içi gorlan myhmanlaryn işdäsini açdy. Garry mollanyň «bissimillasyndan» soň agyzlar gyzdy.
Diňe Çalyş han birneme gorjanyp dymyşlygy bozdy.
– Garry molla däde, siziň gafdallaryňyz indi bir parahatçylykmyştykmy? Byý, parsylar silleň obalaňňyza azar, bizar bermän durýandyr-daýt?
Garry molla bu gürrüňe ýüzüniň ugruna jogap berip biljek däldi. Bu mesele onuň ýüreginiň başynda sanjy bolup, Haýrynsa tebibiň emleri bilenem sowaman duran derdidi. Ol derdi, indi ömri bilen, asyl ata-baba döwründen bäri hem kemelmän gelýän

derdi, ýüregiňde baglanan kesmek-kesek kiri bir tagamyň başynda edilen mesaýy gürrüň bilen hem aýryp bolarmy? Ýok.
– Heý, oglum, seniň soraýan zatlaryň biziň il-günümiziň başyna düşen tükenmez towkudyr. Seniň dädeň Erejep han hem biziň şu günümizi uly gaýgy-gam bilen synlapdy. Arman, onuňam arzuwy armanda galdy, biziňem.
Gündogdy han eline alan bölek çöregini emaý bilen saçagyň üstünde goýdy. Soň az-kem dikelip badyhowa gürledi.
– Eýsem, haçana çen beýdip ýaşamaly bor? Ahyr bir gün bu zatlaryň soňam-a gelmeli bor.
– Äý, gören patyşaňa ýapja boljak bolup, hany-manyňy onuň hazynasyna gapgaryp otursaň, bu zatlaryň ahyry gelmez.
– Hawa, Çowdur jan dogry sözleýär. Öň Nedir şa çagalammyzyň agzyndan kesip berdik, indem Ahmet şa diýip bir bela döredi. O-da külli türkmeni gyrgyna iberip, öz saňsar owganlarynam köşgüne keýwany edip ýörýär.
Çalyş hanyň ýangynly sözleri Gündogdy hanyň peltesine ýag damdyrdy.
– Wah, bi türkmende akyl ýok. Şu wagta çenli bir tekäniň özünden Nedir şanyň goşunyna taý geljek adam Kandagara gitdi. Bilşime görä, ýomudam-a ep-eslijäni sürüpdir. Ine, şu ikisini bir ýere üýşürseňem bir şalyk goşun boljak. Onsoňam Ahmet ýalyny türkmeniň içinden tapyp bolmaz öýtdüňmi? Meselemki, Çalyş hany şa et, ýa-da Gündogdy hanyň ýakasyndan tut, bolmaz öýtdüňmi? He, baý bolar-a.
Garry mollanyň çakylygy boýunça geleň Nyýazsalyh molla-da myhmanlaryň bu gürrüňine ýylgyryp otyrdy. Ol myhmanlaryň göwni üçin «Hä, bolara diýýärdi. Emma gözleri Garry molladady, bu zatlary Garry molla jemlemelidi. Ýöne olam myhmanlaryň göwnüne degäýmäýin diýen niýet bilen saklanýardy.
– Heý, heý, Gündogdy han, bize şa-da bol diýme, beýlekem bol diýme. Häli, heýwere gawy günümiz bar. Ýomutlaryň göwnine, olaryň her haýsy bir şa. Ondoň olara nädip sen şa boljak. Hanlyga talaş edip ýöreniň sany-hasaby ýok. Hanlyk üçin baýlykdan, abraýdan başga atyň başy ýaly ýüregem gerek ahym. Amma barda haýsy ýomudyň ýakasyndan tut, han boljakmy diý, ýok diýmeýär.

– Onyň dogry, Çalyş han, ýöne türkmeniň hanlarynyň özlerem agzybirlik edip bilmän, il-güni zaýalap ýörler ahyry. – Nyýazsalyh molla duýdansyz gürrüňe goşuldy.
– Adamlar, alyň, iýsenizläň, tagam sowamasyn. – Garry molla mürähetden soň dyzynyň üstüne galdy. Bu onuň «omynlalyň» diýdigidi.
Nahardan soň düýe çaly bilen gymyz getirdiler.
– Oglum, Aly jan, myhmanlara küpjek alyp ber, gyşarsynlar.
Gulaly ýüküň üstündäki ýassyklardan dört sanagyny alyp orta oklady. Soň adamlaryň elini ýuwdurdy. Ara böwşeňlik düşdi. Her kim dişini synçgan bolup, gürrüňiň jemlenerine garaşýardy.
Dymyşlygy Çowdur bozdy. Ol ýaşlygyndanmy, ganygyzgynlygyndanmy, birhili howlugyp gepledi.
– Mollam, myhmanlaryň başga-da möhüm bir maslahaty bar, sizin bilen…
Bu habar Garry molla özboluşly täsir etdi. Onuň han bolmak, şa saýlamak meselesi barada ile-güne aýtsam diýip ýören niýeti ýok däldi. Häzir ol şol niýetini açjakdy. Asyl delil üçin mundan üç-dört ýyl öň ýazan «Wagzy Azat» diýen kyssasyndan «Patyşasy bolmasa her ülkäniň, bolmaz imiş haýry-yshany anyň, Patyşasyz hiç halaýyk galmaýa, Bozulyp ol kimse boýun bolmaýa» diýen beýdini delil üçin diline hem aljakdy. Ol özüniň bu niýetini Gündogdy hanyň dädesi Ugurly hana-da, Çalyş hanyň dädesi Erejep hana-da telim gezek aýdypdy. Emma ýagşy sözi tekrarlamagyň aýby ýokdy.
Emma Çowduryň tolgunmasy, onuň myhmanlaryň maslahaty barada aýdanlary ýaňy syrkawlykdan turup, heniz ýagşy aýňalmadyk kişiniň diňe bir pikirine däl, eýsem tutuş süňňüne täsir etdi.
«Belki, oglanlardan bir bilikleri bardyr, belki, olary görendirler».
Garry mollanyň umydygär nazary Çowdura dikildi. Emma Nyýazsalyh molla ara düşdi.
– Çowdurguly. – Ol sylaglyrak ýaşlarynyň ady köplenç «guly» diýip ýüzlenerdi. – Sen alňasama myhmanyň üç gün sylagy bardyr. Habar, maslahat diýlen zat öz ýerinde aýdylýondyr. Entek myhmanlaňňa ýazylganlyk ber. «Gelenim öýlän, gidenim öýlän, goýnum nirä gitdi» etme…

— Ýok, molla aga, biziň myhmanlarymyz Ahal ilininiň hemem ýomut garyndaşlarymyzyň adyndan ýörite maslahata gelipdirler.
Nyýazsalyh molla sesini çykarmady. Döwletmämmet molla-da dyzlaryny çalşyryp oturdy. Gürrüňe Gündogdy han başlady.
— Agalar, eden hyzmatyňyza taňryýalkasyn. Nesip bolsa, biziň illere-de baryň. Siziň sylag-hormatyňyz biziň ýadymyzdan çykar ýaly bolmady. Ýöne bizem «Hem daýymlara gitjek hemem taýyma baş öwretjek» diýenleri boldy. Hem-ä ýeňňemiziň ýerine baryp, molla agamyzyň göwnüni soraýly, hemem bir maslahatlaşaly diýip gaýdyberdik. Indem näme, «Aýrana gelen tabagyny gizlemez» diýleni ýaly, rugsat berseňiz göwnümizdäkini orta dökeýli.
— Gündogdy jan, ogul, siziň mübärek jemalyňyz meniň agan ýükümi deňledi. Toýuňyzda gaýtsyn, ogullar. Çalyş jan, seňem, oglum, aýagyňa güller bitsin. Meni sylasaňyz sizi gudraty güýçlüniň özi sylasyn. Siz çekinmäňde göwnüňizdäkini döküň. Ine, biziň iň mertebesi belent, sylagly alym mollamyz otyr, özi ýaşam bolsa, köplere baş bolup biljek arslan ýürek Çowdur jan bar, maslahatlaşarys, eger güýjümiz ýetmese ötünç sorarys.
— Döwletmämmet molla hak aýdýor. Aýdyp oturyň, ogullar, çekinmäň. — Nyýazsalyh molla özüne aýdylan hoş sözden monça bolup gürledi.
Ýüp syrylyp toýnuga geldi. Indi gezek Gündogdy hanyňkydy. Ol buýralary seçelenip duran telpegini bir geýip, bir çykaryp oturyşyna Çalyş hanyň ýüzüne seredip goýberdi. Emma özüniň aýtmaly zadyny özünden başga hiç kimiň aýtmajagyna düşündi.
— Molla aga, parsylar bize bäş sany kel türkmen diýselerem, biz gaty köpdüris. Ine, özüňiz görüň, Hywa bilen Gyzyljaarbat aralygyny teke tutup otyr. Hywa boýlaryny, Etrek-Gürgen etraplaryny gökleňler tutup ýatyr. Balkandan tä Müňgyşlaga çenli ýomut garyndaşlar, Mürçe, Deşit ýakalaryny salyr-saryk alyp dur, Jeýhun boýunda ärsary gardaşlar, ýazyrlar, Murgap boýunda, aý, sanasam sogaby bar-a.
Indi bolsa Ahmet Dürranynyň iline serediň. Bir gapdaly parsylar, bir gapdaly hindiler, bir gapdaly ýarym hindiler. Biz bäş sany kel türkmen bolsak, olar bizçe-de ýok ahyryn. Emma biz näme üçin şolara ähli mal-mülkümizi, mal-mülkem owarram, men diýen, türkmeniň ary-namysy bolup duran ýigitleri

iberip durus?
Çalyş han erbet gyjyndy. Ol dişlerini gyjyrdadyp gepledi.
– Aý, han, syrty açyk türkmen diýerler muňa. Ahmet Dürrany ýaly Nedirguly şanyň düýnki syrtyny ýalap ýören tentegi ýomutlaň içindenem näçe diýsen tapaýly…
– Dur, Çalyş han, men aýdaýyn, onsoň göwnüňde näme matlabyň bolsa aýdyber.
Gündogdy han ýassyklaryň birini dyzynyň üstüne alyp, oňa bagryny berdi.
Onsoň abraýy-ha olar aljak, gyrlanam türkmen boljak, bize näme peýdasy bar onuň. Gaýtyp, ol güýç ýygnasa, Eýran, Turan, Hindistan eliňe geçse, türkmeniň üstüne hekem boljagy ikuçsyz onuň. Biz bolsak…
– Han, sen darykma, türkmeniň bir gowy gylygy bardyr. Ol kimem bolsa mätäç bolup ýüz tutsa, ol-a nan eken, janyňam berer. Ahmetşa-Dürrany, meniň bilşime görä, türkmeniň ähli hanlaryňa atba-at tutup permannama iberipdir. Onsoň neneň gitmejek. Gitmeseň bolmaz ahyryn.
– Ol nähili beýle bolýar? Gyrly gazaklar üstümizi depeşek etdiler. Gyzlarymyz gyrnak boldy, eneleri eşek. Çapar ibermedik galamyz galmady. Bir oýnam atly görmedik. Emma owganyň osrak hany permannama iberipdir welin…
Gündogdy han gamçysynyň sapyny Çalyş hanyň ädigine dürtdi.
– Wah, han, meniňem diýýänim şol. Hywa kethudasy Hojaguly ynak tekeleri Hywadan iti aldap uran ýaly edip, kowup goýberdi. Indi biziň gonanymyzy gol göçenimizi ýel bilýä. Biziň günümizi türkmen hanlary görmän durmy? Baý, görýäler-ä, emma «halyň niçik» diýip gelen göremzok.
– Wah, Gündogdy han, ine, biziňem günümiz özüňiziňkiden ýagşydyr diýmäň. Bizlerem iki jahanyň owarrasy bolup gün görýondyrys. Nedir şanyň köşgi çaşansoň gör-ä, näçe eşek ogrusy men şa diýdi-hä. Olaryň hersi türkmeniň külüni kirbenkä ýetirmäň, depämizde gamçy oýnatdy. Ýene-de allaha şükür, Ahmet şa şolaryň badyny alýor, ýogsa biz…
Gündogdy han bilen Çalyş han Nyýazsalyh mollanyň delillerini halamaýandyklaryny mese-mälim bildirýärdiler. Emma Garry mollanyň birhili tutuk nazaryna gözleri düşende az-kem

çekinjeňlik bilen mazasyz ýylgyryşýardylar.
Garry molla bu iki hanyň matlabynyň ujuny aňsa-da, olaryn niýetiniň düýp-teýkaryna göz ýetirip bilmedi. Şonuň üçinem sypaýyçylyk bilen dillendi.
– Molla diýýän-ä, ikimiziň göwnümiziň ýukalanyna bakma. Türkmeniň çyn hossarlarynyň birem teke, ýomut ilbaşçylarydyr. Olaryň göwnündäkini diňlemesek bolmaz. Bu gün biz öz oglanlarymyzyň owazyny eşideýli. Olaryň ýangynly gürrüňleri ýöne ýere däldir. Olar biziň iň agyryly ýerimizi tutýarlar.
Garry molla indi aýdyber diýen manyda Gündogdy hanyň ýüzüne garady. Gündogdy han bezeg üçin ýörite goýlan ýaly, öte timarlanan murtlaryny sypalady. Ol Garry mollanyň bir gysym bolup galan göwresini synlap oturyşyna üzlem-saplam gürledi.
– Hawa-da, aýtsaň kep kän, ýöne biziň-kä bir maslahatlaşmak. Dile geldi, bile geldi diýipdirler…
– Oglum, seniň Ahmet Dürranynyň permannamasy barada pikiriň nähili?
Gündogdy han ýitiren kelebiniň ujuny indi tapdy. Ýöne Çalyş han öňürtiledi.
– Molla aga, mundan ençeme ýyl öň Ähmet şa bize permannama iberipdi, hä. Özem, hut, uly hanlaryň adynam ýazypdy, hä. Onnom myňa köp hanlar goşun köküni ýygnap gitdi. Emma Gündogdy han ikimiz gitmedik. Sebäbi näçe adam bolsa, neçe gylyç bolsa özlemmize şundan gerek bolup du. Onnom, aý geçdi, ýyl geçdi. Arada ýene-de çafar geldi. «Ähmet şadan permannama geldi. Şoňa mal-mülk, şaý-sep, hemem adam kömegini bermeli» diýip. Biz-ä bilmedik bu ne Ähmet şa boldy.
Gündogdy han howlugyp gürledi.
– Indem oraza tamamlanan badyna gurultaý boljakmyşyn. Şoňa hanlaryň bary ýygnanyp, Ahmet şa näçe adam, näçe at, näçe mal-hal bermelidigini anyk aýtjakmyşlar.
Gündogdy han gürrüňiň täsirini has güýçlendirmek isledi. Emma ol özüniň getirjek delilleriniň agramyny ölçäp bilmedi. Şonuň üçinem gowşak gürledi.
– Biz-ä, näme diýjegimizem, näme aýtjagymyzam bilemzok. Öz halkym (ol bu ýerde teke ilim diýjek boldy) şemal haýsy ýana yksa, şoňa garşy ygyp ýör. Näçe kömek, goldaw bolsa özüme

gerek bolup dur. Şu pille Ahmet şanyňky artykmaç maňa…
– Molla aga, sen bize näme etseň gowy boljagyny aýdyp ber. Belki, biz ýalňyşýandyrys. Belki, biziňki heýwere dogrudyr. Biziň terezimiz hiç agram alanok. Gündogdy han bilen seniň ýanyňa ýörite gaýtdyk. Häli, Gündogdy hanam heýwere gawy diýdi, bu, zatlaryň düýp gepini.
Döwletmämmet molla pessaý äheň bilen gürrüňe başlady.
– Men siziň göwnüňizde näme baryndan habarym ýok. Ýöne bu işde göwnümdäkini sizden gizlesem, onda allatagalanyň öňünde ýalançy boldugym bolar. – Ol donunyň goltugyna edini sokup, ullakan ak ýaglyk çykaryp, halsyzlykdan az-kem kepän dodagyny, gysylmadan, gyssanmadan çygjaran tüňňüräkden giň maňlaýyny süpürdi.
– Eger-de bir süri goýny alyp göreýli. Eger, şol goýun sürüsiniň çopany bolmasa, onuň ýagdaýynyň niçik boljakdygyny özüňiz bilýänsiňiz. Eger-de bir iliň soltany bolmasa, ol hem edil çopansyz sürüdir. Ýa-da bir ekin bolsa, onuň-da sakçysy bolmasa, onda şol ekiniň niçik hala düşjegi bellidir. Şa iliň sakçysydyr. Ýagşy şa hudaýtagalanyň ýerdäki emiridir. Ine, men pars ilininiň dana şalarynyň ençemesi barada çün hekaýatlar eşitdim. Şol döwürde pars ili hökmürowan hem-de dok, gykylyksyz, galmagalsyz il boldy. Olaryň çyn şalary köşkden düşensoň ili aglak boldy. Il aglak bolsa, doňuz depä çykar, Biziň ilimiziň depesi hemişe doňuzly boldy.
Indem näme, Nedir – Tahmysguly şanyň düýnesi ahyr bolansoň, onuň müňbaşysy Ahmet han, Owgana şa boldy. Häzir parsyň saly gowşady: Ahmet Dürrany türkmen iline-de özleriniň sahawat gollaryny uzatmagy makul görüpdirler.
Gündogdy han bilen Çalyş han gözlerini lowurdadyşyp Garry mollanyň ýüzüne garaşyp, gürrüňiň ahyryna sabyrsyzlyk bilen garaşýardylar. Diňe Çowdur mollasynyň öňünde talyplyk edebini saklap, aşak bakyp, reňkleri solşan keçäniň gülüni dyrmalap otyrdy.
– Onsoň biziňem ähli umydymyz Ahmet Dürrana dikildi. Dogry, biz Ahmet şanyň göwnünde näme bardygyny bilmedik. Ýöne meni iňkise goýýan zat, biziň ekläp-saklap, bakyp-bejerip, boýuna guwanmaga höwes edip ýören perzentlerimiziň gidişi gidişi

boldy. Indiki maslahaty men bersem göwnüme jaý bolmaz. Maslahaty ile salmak gerek. Çünki Hudaýtagaladan soň diriligiň hem-de güýçlüligiň gözbaşy halk bolmaly. Halk hiç haçan ýalan sözlemeýär, aldaw-hile salmaýar, diňe bir kişiniň bähbidini aramaýar.

Bu ýaşulynyň pähimliligi Çalyş hany haýrana goýdy. Onuň garyp ili Hudaýtagala bilen deňemegi oňa ilki ýaramady. Emma dädesiniň: «Han boljak bolsaň hemişe ile tutungyn. Iliň seni ýüňsakgal etmez» diýeni biygtyýar ýadyna düşdi.

Erejep han atabaý hanlarynyň içinde akylly adamdy. Ol ýomutlaryň in sarpaly adamsydy. Ol Döwletmämmet molla aýratyn hormat goýardy. Toýuna-ýasyna irinmän gelerdi. Maslahat sorardy. Ol özüniň çyn edebinden, pähim-paýhasyndan ogluna-da bölüp bermegi gudraty güýçlüden köp-köp mertebe dileg edipdi. Onuň dilegi kabul boldy. Ogly Çalyş kemakyl çaga bolmady. Ýomut halky gaty sarç, özdiýenli, göwnübelendräk halk bolsa-da, Erejep han amanadyny tabşyransoň Çalyşy han saýlapdy. Diýmek, Çalyş kemalsyz ogul bolmandyr.

«Onuň dädesi beýle bolansoň aradaky gatnaşyk ýoly ýitäýmese ýagşydyr» diýip gama bagyp ýören Garry mollanyň hem depesi gök diredi. «Çalyş han şol öňki ýodany yzarlap, atasynyň salan ýoluny arçap geldi. Özem teke garyndaşlaryň wekili -bilen. Ine, ol ýaşam bolsa iş bitirdi. Öňki gömlüp barýan ýodany goşalady. Hakyky ýigitler şeýle-de bolmalydy».

Döwletmämmet molla Çalyş han barada edip oturan oýuny daşyna çykardy.

– Ine, molla, şu ýigitleriň haýsy birini şa etseň gelişmän durjak däl. Akyl diýeniň şeýtan ýaly bir zat bolarmyşyn. Ol näçe köp ýük ýükledigiňçe agralarmyşyn, ýüki näçe ýeňil bolsa, şonça kemelermişin. Ine, men Çalyş janyňam, Gündogdy hanyňam, Çowdur janyňam aslyna belet. Olar tüýs haýyn, şanyň, tüýs adamyň çykjak ýerleri. Ýöne bulara ulurak ykbal, uly ýumuşlary ynanmaly. Şonda bular has akylly, has edermen, has pähimdar adamlar bolardylar.

Garry mollanyň agzyndan çykýan sözler myhmanlaryň göwnüne bolmasa, ýagşyzadalaryň sogabyna galan bendelere berlen pata ýaly bolup ýaňlanýardy. Garry molla ýene-de bir zat aýtjakdy.

Emma Nyýazsalyh molla ynjyly gorsanjyrady.
– Molla aga, toý töwirini edip beriň, ikindi namazy ötüp barýor. Eglip-galyp, parzy sowup, jaýly oturaýlyň.
Garry molla gysgajyk omyn edenden soň, myhmanlaram daş çykdy.
Gün Adynageldi hanyň öýüniň gapdalyndaky baýryň üstünde tegelenip durdy Soňudagdan, tä Gürgen baýyrlaryna çenli göm-gök bolup ýaýylyp ýatan asmandan lemmer-lemmer ak bulutlar aslyşyp, geçip barýardy.
Gazak gelin atýatagyň bärsindäki tekiz ýerde atarylan taganyň üstüne uly gara gazan goýup, onuň daşynda hozanak bolup aýlanýardy. Aşagynyň ody ýetik gazandan bug göterilýärdi. Gowurlan etiň tagamly ysy tutuş seňňeri gaplap, soň Adynageldi hanyň hataryna bakan akyp gidýärdi.
Gulaly dört-bäş kündügi ýyly suwdan dolduryp işikde goýdy. Myhmanlaryň hersi bir kündük alyp, hataryň gündogaryna bakan aýlandylar. Işikde diňe Çowdur galdy. Ol Garry mollanyň boşap galan ýatagyna seredip oýa batdy.
Magtymgulam indi aňyrsy birki aýdan gelmelidi. Bu duşuşyga Çowdur şu hataryň ählisindenem beterräk garaşýardy. Magtymguly Çowduryň ýüreginiň soltanydy. Ýüregi at başy ýaly gaýduwsyz, arslan ýaly ýigit, käwagt öz mähriban dostuny ýatlap, ony göresi gelip gözüne ýaş aýlaberýärdi. Asyl, käwagt, bar zady taşlap, onuň yzyny yzarlap niredesiň Buhar ili diýip, gidiberesi gelýärdem.
Çowdur bilen Magtymguly bir emjekden emmändiler. Diňe şol diýmeseň, olary doganlygyň juda uly güýji birleşdirýärdi.
Çowdur üçin Magtymguly baradaky ýatlamalardan başga-da, onuň dädesi, enesi, doganlary diýseň mähribandy. Gyş günleri ol paltasyny alyp gelip, Garry molla odun çapyp bermegi, ekin ekilende kömekleşmegi unutmaýardy. Elinden gelşine görä, kömek berýärdi. Ýöne zamananyň şunuň ýaly gatylygynda kimde artykmaç zat bar.
Çowdur bu öýüň döwletlilikde geçiren günlerini gaty köp ýatlaýardy. Garry molla ol wagt metjidiň ymamydy, onuň daşyndanam medresede oglan okadardy. Magtymgulynyň enesi Orazgülem içeriniň, daşarynyň işini oňarardy. Ýurt parahatçylygynda, il-günüň saglygynda, içeriňi dolduryp,

çagalaryň daşyny dolap oturmagam ullakan döwlet ahyryn.
Çowdur Abdyllany ýatlady. Onuň birhili näzikden ýakymly sesi bardy. Ol säher bilen azan aýdanda agyr hassalaram tirsegine daýanardy. Oglanlar üýşüp mal bakmaga çykanlarynda, Abdylladan aýdym aýdyp bermegi özelenip sorardylar. Abdyllanyň bar bilýäni birnäçe aýdymdy. Olaryň birem «Görogly» dessanyndan Jygalybegiň agtygyna:

Ýalňyz balam algyn pendim,
Ýurduň terk ediji bolma,
Özüňden gaýry namardyň
Minnetin çekiji bolma…

– diýen pendidi.
Abdylla bu aýdymy şeýle bir zaryn aýdardy, onsoň iň garagol oglanlaram gözlerine ýaş aýlabererdiler. Onsoň ertesi her kim «Ýalňyz balam algyn pendim…» diýip hiňlenip ýörendir.
Agasy aýdyma başlardam welin, Magtymguly onuň dyzyna ýaplanyp, gözjagazlaryny gamlandyryp diňläp oturardy. Aýdym gutaransoň hiç kimden ses-üýn çykmazdy. Birsalymdan soň Magtymguly:
– Aga, «Enänem» aýdyp beräýdä – diýerdi.
Abdyllanyň özem höwesjeň bolansoň, «ýok» diýmezdi. Ol dädesiniň ýörite tikip beren telpegini başyndan çykaryp, gujagyna gysardy-da, şeýle bir mylaýym, şeýle bir owadan owaz bilen aýdyp başlardy welin, oglanlar onuň gujagyna giräýjek bolardylar.

Wah, syrlab-ow indim Ak inişden boý-ow,
Ýarymadym ýanýoldaşdan boý-ow,
Ala ýaglyk sypar başdan boý-ow
Men şu gün Enä-äni gördüm…
Ol aýdymyň Şonuňy telim gezek gaýtalardy. Emma onuň aýdymyndan doýma ýokdy. Ol oglanlary ene bolup şeýle bir hüwdülärdi. Onsoň oglanlar onuň etjek ähli işini ylgap, bir demde ederdiler. Inçeden uzyn, garagözelek oglan obanyň ähli çagasynyň pygamberi ýaly görnerdi.
Abdylla ulalansoň has salykatlandy, onuň keşbi edil ulugyzlaňky ýaly ýakymlydy. Ol Seýitmämmet gerkezden tamdyra

çalmagy öwrendi. Soňabaka özi goşgy düzüp başlady. Onuň goşgularynyň hemmesi söýgi baradady. Ol kimedir birine özüniň ýürek derdini açýardy. Emma hiç kim onuň kimdigini bilenokdy.
Emma bir sapar Çowdura bu syry bilmäge mümkinçilik boldy. Çowdur bir gün at darytmak üçin Abdyllanyň üstünden geldi. Olaryň hersi bir at münüp, Ýonaçy çeşmä garşy ugradylar. Atlaryny suwa ýakdylar. Şol pursat obanyň bir topar gyzy suw almaga geldi. Çeşmäniň hanasy aşakdy. Şonuň üçin aýagyňy ýalaňaçlap suwa girmelidi ýa-da özüň raýyşda durup, eglip suw almalydy. Bu diýseň amatsyzdy. Onsoň gyzlar oglanlardan uýalyp, aňyrda topar tutuşyp durdular.
Çowduryň hyýaly gitmekdi. Emma Abdylla kirpikmen, owadan gözlerini balkyldadyp ýeke gezek garanda, ol hem Abdylla düşündi. Oňa çenli gyzlaryň biri:
– Aý, oglanlar, çeşmeden suw alyp beriň-dä?! – diýip gygyrdy.
Abdylla aýdylana garaşyp duran ýaly, böküp atdan düşüp, uýany Çowdura oklap goýberdi. Özem donunyň synyny guşagyna gysdyryp, çalasynlyk bilen çeşmäniň her raýyşyna bir aýagyny basdy. Ol küýzeleri yzly-yzyna dolduryp alyp berdi. Gyzlar aňyrrak baryp, alkyş aýtdylar.
– Ak gyz ýoldaşyň bolsun, Abdyl-la!!!
Abdylla birhili utanjaňlyk bilen ýüzüniň derini süpürdi.
– Ýör-ow, gyzyl-çyzyl görseň, aňkarlyp dursun. – Çowduryň igenji Abdylla täsir etmeýän ýalydy.
– Eý, dost, men şu gyzlaň yzyndan güni bilen seredip oturmaga-da taýýar-da… Şol gyzlaryň içinde biri meniň sabyr-takatymy alypdyr, asyl ýatsam-tursam, iýsem-içsem göz öňümden gidenok.
– Kim ol, Adynageldi hanyň gyzy Bibimi?! – Abdylladan ses çykmady. Ýöne onuň ýüzi birhili al öwsüp gitdi.
– Gaty ýokarky perdeden tutýaň-ow, gardaş.
Abdylla sesini çykarman ata atlandy. Şondan soň ol tä agşama çenli öz essinde däl ýaly bolup gezdi. Ýöne öýe gaýdyşyn bir ajaýyp owaz bilen hiňlendi.

Asmandan barýan-aý, sary serçeler,
Men neneň ýataýyn ýarsyz gijeler.
Adyňa döneýin türkmen ejeler,

Ýarym maňa tahýa tikip ibersin.

Çowdur edil hüwdülenýän ýaly bolup gelýärdi. Aýdymyň soňuny ol çalaja eşidip galdy.

Başyňa döneýin türkmen ejeler,
Bibim maňa tahýa dikip ibersin.

Çowdur Abdyllanyň hak aşyk bolandygyny duýup galdy. Emma ol maksat-myradyna ýetmedi. Han gyzyny inisiniň ogluna dakdy. Döwletmämmet molla-da ogluna Gyzylbaýyrda oturýan garyndaşlaryndan biriniň gyzyny alyp berdi. Şondan soň Abdyllanyň eline dutar alanyny, aýdym aýdanyny gören ýokdy. Ýöne ol Kandagara gitjek agşamy öz deň-duş oglanlaryny ýygnap şeýle bir aýdym aýdypdy, şeýle bir aýdym aýdypdy, asyl, Çowdur özüni şol agşamda oturan ýaly duýdy. Öýleriň birinde häzirem şol mähriban ses ýaňlanyp duran ýalydy.
– Gel, inijigim, ýanjagazymda oturyp diňle. Ine, ertir diňlejek diýseňem agaňy tapmarsyň Gel, geç…
Ol gije Abdylla birhili göçgünlidi. Şonuň üçinem ol köp gepleýärdi. Köp gülýärdi. Onuň gülküsiniň, gürrüňleriniň astynda nämedir bir gussa, igenç, nägilelik bar ýalydy.
Agasynyň birhili üýtgemegi Magtymgula ýakanokdy. Ol dula gysylyp otyrdy. ýöne sesini çykarmaýardy. Çowdur onuň ýanyna geçdi. Onuň eline elini goýdy. Magtymgulynyň elleri ot ýalydy. Çowdur onuň gözlerine garanda, ýaş ýigidiň didelerinde aýralyk ýaşyny gördi. Dostuna göwünlik berýän äheňde, onuň egnine başyny goýdy. Soň başga bir aýdyma başlajak bolup duran Abdylla ýüzlendi.
– Aga, meniň aýdymymy aýdyp bersene!
Abdylla täp-täzeje tahýasyny bäş barmagy bilen sypap:
– O nähili, aýdym? – diýip sorady.
– «Asmandan barýan sary serçeler…»
Abdyllanyň gözleri ýalpyldap gitdi. Ol dutaryň gulagyny edil gulagynyň ýanynda goşa gysym bilen saklap, dodagyny dişläp ep-esli durdy. Soňam ýuwaşja dillendi.
– Wah, Çowdur jan, geregiň «seniň» aýdymyň bolsun…
«Abdyllanyň bokurdagy neneň zatdandyka? Onuň aýdymlary

Giňjaýyň aňyrsyndaky obalara-da ýetişdi». Döwletmämmet mollanyň özem, öz hatarynda heniz türkmende döremedik bir bilbiliň ýetişýändigini duýupdy. Onuň ýanynda mesaýy gürrüň edip oturýan namazhon adamlaram ýaş-ýeleňleriň ýanyna bakan turup-turup gaýdypdylar.

Asmandan barýan-a sary serçeler,
Men neneň ýataýyn ýarsyz gijeler,
Adyňa döneýin türkmen ejeler
Ýarym maňa tahýa tikip ibersin.

Bu aýdym Çowduryň diňlän şo-ol aýdymy däldi. Bu aýdymda eneleriň hüwdüsine, ulugyzlaryň pynhan duýgularyndan dos-doly lälelerine, iň esasy-da, eziz mähriban adamlary indi gaýdyp görmek umydyndan kesilip, ýöne şol gussany ýüregine sygdyryp bilmezlikden zaryn-zaryn mäleýän ynsanyň, haýwanyň duýgusy bardy. Ol aýdym ýöne aýdym däldi, hudaý tarapyn döräýen bir gudratdy. Nyýazsalyh molla aýtmyşlaýyn: «Ol aýdym sekiz jennetiň owazydy». «Ol nähili gudratka, allam, tutuş Hajygowşan ol aýdymy diňläp, ýene bagyryberdi-le».
Magtymguly agasynyň göterilmesiniň sebäbine indi düşündi. «Onuň ýüreginde dünýäni badyna gark edip biljek söýgi bar eken. Agasy şol uly söýgüniň çyrpynjyna çydap bilenokdy.
Çowduryň çaky dogrudy. Abdylla öz iline adam dözmez, yns-jyns düşünmez söýgüsini aýdym edip berýärdi. Oňa, megerem, Magtymguly bilen Çowdurdan başga düşünen bolmandy.
Abdylla bir gije aýdym aýtdy. Yzynda tutuş Hajygowşany bagşy etdi.
Çowdur gözleriniň ýaşyny süpürdi. Ol günüň batyp barýan çagynda dileg etdi: «Ah, agam, saňa derek biz giden bolsak, saňa derek biz ýiten bolsak bolmaýarmy?! Eý, gudraty güýçli, biziň dilegimizi kabul edip, onuň mübärek didaryny ölmänkäk ýene-de bir görmegi miýesser etd-ä!»
Abdylla gidensoň bütin oba boşap galan ýaly bolupdy. Magtymgulynyň ejesi bolsa gussamerk getirip, ençe ýyl bäri agyr halda ýatypdy. «Wah, gara dagym, marly elekde elenenim, saryýaga ýugrulanym, öýüm-ilim Abdylla, birje didaryňy görsem,

wah, onsoň näme bolsam bolaýyn, nowbaharym, Abdyllam!» diýip şol zarlar ýatardy. Onuň zybanyna iň soňky alan sözem şu bolupdy.
– Çowdur, salamälik. – Çowdur ogurlykda tutulan ýaly bolup özüne geldi. Ol golaý ýanynda Abdyllanyň gelni Akgyzy gördi. Ol Abdyllanyň özüni gören ýaly bolup begendi.
– Salowmaleýkim, gelinbibi, gurgunlykmy, aman-saglykmy, nähili öý-içerler?..
Akgyz näzli towlanjyrady.
– Ertirden bäri garantga ýaly bolup doňup duransoň, jany beri sagmyka diýip, töweregine ters aýlandym, eger-eger barmysyňam diýeňok. Onsoň özüm habar gatagaýdym.
Çowdur Akgyza hyrydar göz bilen garady. Inçeden uzyn gelin edil aýyň parasy ýalydy. Daranyp, bezenip, beslenip çykansoň ol nowruzda açylan läle ýaly bolup bütin töwerege görk berip durdy. Egnindäki keteni, owadan alyndaňysy, nepis gülýakasy, börüginde lowurdap duran alynlygy ony edil gökden ýere inen melek ýaly görkezýärdi.
– Ýene-de Abdyllanyň dosty diýjeksiň. Ertirde, agşamda halyň niçik diýip geläýseň, yzyňa kowlaýjak ýaly, bolşuň oglan…
Çowdur aljyrady. «Heý-de beýdip bolarmy? Il-gün näme diýer? Bu öý edil käbäniň işigi ýaly mukaddes ýer ahyryn. Bu ýere ertir-agşam şo-ol gelip bolarmy? Ýok, Gelinbibim bolmajak zady aýdýa..»
Akgyz has golaý geldi. Soň pyşyrdap diýen ýaly gürledi.
– Kyn görmeseň meniň bir sandygym bar, şony süýşürip ber, öýe girip. Güýjüm ýetenok, kime diýjegimi bilemok. Ol Gazak gelnem ikigat. Ala-da ýumuş buýurmaga dilim baranok.
Çowdur töweregine garanjaklady. Işikde hiç kimi görmedi. Ol çekinjeňlik bilen öýe girdi.
Ýüzi galaýy bilen nagyşlanan dagdan sandyk ýeňil-ýelpaý däldi. Onuň üstüne ýük galdyrylypdy. Akgyz ýüki eliniň ugruna agdaryp goýberdi. Soň sandygyň bir gapdalyndan tutdy.
– Aýryl-aýryl, gelinbibi, men özüm bir zat ederin, sen nirä süýşürmelidigini görkezseň bolar. – Çowdur sandygy ýeňillik bilen işige tarap çekdi. Soň onuň ýüzüni günbatara edip, burça söýedi. Soňam ýüzüniň ugruna daş çykdy. Gapyda oňa Gulaly

garaşyp durdy. Ol Çowdura «seni çagyrýarlar» diýen yşarat etdi. Çowdur myhmanlaryň oturan öýüne girjek bolanda, Akgyzyň yzyndan hyrydar göz bilen seredip duranyny görüp galdy.
Öýdäkiler nahar alyp başlapdylar. Emma Çowduryň bokurdagyndan zat ötmeýärdi. Onuň ýüreginiň garaňky künjünden nähilidir bir ýagtylyk görnüp, onuň bar ünsüni özüne çekýärdi. Çowduryň saçakdaky çörege uzan elleri çalaja titredi.
«Ýok, men beýle binamyslygy edip bilmerin?» Emma yşyk welin şol ýanyp durdy, ýanyp durdy.
Garry molla, Nyýazsalyh molla, myhmanlar bir mesele barada gyzygyp gürrüň edýärdiler. Çowdur olaryň gürrüňini eşidip, olar ýylgyrsa ýylgyrybam otyrdy. Emma, şol gürrüňiň näme barada barýandygyny welin aňyna aýlap bilenokdy.
Gapyda kimdir biriniň wagyrdyly gülküsi, gaty-gaty geplemesi eşidildi. Çowduryň beýnisi bada-bat durlandy. Ol dyzyna galyp, işige ylgamaga taýýar bolup oturdy.
– Essalowmaleýkimler, agalar, giç ýagşy. – Bili gylyçly, solşan gyrmyzy donuň daşyndan guşagy gowşak guşanan pyýada haýkyryp salam berip, içeri girdi.
– Gelen ýagşy, Hally jan, gel, saçak başyndan otur.
Döwletmämmet mollanyň pessaý sesi, myhmanlaryň nazary öýe giren pyýadanyň howalasyny basan ýaly boldy. Ol:
– Aý, geçip oturmaýyn, maňa şu ýerem besleý – diýip, gapböwürde çökdi. Onuň bilindäki gylyç burçda duran küýzäni ýykdy. Küýzeden suw lykyr-lykyr edip, onuň oturjak ýerini öl etdi.
– Hallyjyk, seniň edýän işiň şuň ýaly-da. Hany, geç töre!..
Çowduryň sesi azymly çykdy. Hallyjyk halys aljyrady.
– Beh, Çowdur, hemişe meni gözüň göräýýär-äý. Men bilgeşleýin eden ýaly. Etmedigimiz bolsun, bäh, ýöne…
Garry molla Hallyjygyň tarapyny tutdy.
– Aýby ýok, oglum. Sen ýat ýere geleňok ahyry. Hany, geç töre, tagamdan uly bolmazlar.
– Ýok, how, Garry däde, ýeke şu gün däl, hemişe meni görse günüsini gören ýaly. Men oňa degemok, dolaşamok, öz günüme gezip ýörün ahyryn. O bolsa…
Gündogdy han ýylymsyrap gürledi.

– Hany, al, han, geç saçak başyna.
Hallyjyk ýene-de oňaýsyz ýagdaýda galdy. Ol myhmanlaryň ýüzüne seretdi-de, töre ýöneldi.
– Äý, munça bolanna görä, geliň elleşibem çykaýaýyn-la. Ýene bir gezek essalowmaleýkim.
Ol oturanlar bilen elleşip çykdy. Soň Çowduryň gapdalynda oturdy.
– Wak, häk, munça bolanna görä elime-de suw alaýyn-la. – Nökeriň bolşy myhmanlaryň içine düşse-de, ýöne ýylgyraýdylar.
Ol daş çykyp elini ýuwup geldi. Soň ýerine geçdi.
– Wak, häk, bolmady. Şu artybam aýryp, ýagşyja jaýly oturaýyn-la munça bolanna görä.
Oturanlar pakyrda berip gülüşdiler. Hallyjygyň özem loh-loh edip güldi. Soňam bir kesemen çörek alyp, gowurma degip başlady.
Myhmanlar bolýançalar diýip Garry molla-da çem-çüm eden bolup otyrdy. Hallyjygyň soň gelip, indem ömrüne zat görmedik ýaly bolup oturyşy Çowdura ýaranokdy. Ol «boldy, haw, bes edäý» diýen manyda onuň ýüzüne garaýardy. Emma Hallyjygyň azaryna-da däldi. Ol gaýta owurtlarynyň birini täzeje gowurmadan, beýlekisinem mele myssyk nandan pökgerdip gürleýärdi.
– Häk, nesibed-ä, ýogsa, tas Annak gaýdýardy bäri. Özüm wazza bizen ýaýak bozdum. Öýzäni bizen biz gowy is gezýäý, biz gowy is gezýäz, aý dyýdym, bozzan Gazzy dademleldensiň diýdim. Haý, nesip how, nesip…
Hallyjyk ýany gyzyp başlapdy. Çowduryň bolsa gahary depesine urdy.
– Hany, symyşlap oturma, ýa gürle, ýa-da iý. Ýogsa-da gapy-gapy syryp, kimiň gazanynyň gulagy gyzýakanaý diýip ýörseň «gapyçynyň garny dok» diýenleri ýaly, ahyr birine duşarsyň…
Hallyjyk elindäki çörek bölegini saçagyň üstünde goýup diňşirgenen ýaly ötdi.
– Hiňh, hana, gördüňiz dämi, ýene-de men. – Ol Çowdura garşy döndi. – Men nahar diýip gelen bolsam, hudaýjan çapsyn, meni Onbegi han ýörite iberdi. – Ol Garry mollanyň ýüzüne garady. – «Bar, Garry dädeňe diý» diýdi. «Myhmanlarynam alyp gelsinler» diýdi. Onsoň men-ä gaýdyberdim. Men-ä ýagşylyk diýip gelýän

muňa, bu-da bolsa mana samsyk diýdi, gapyçy diýdi.
Hallyjyk hol töre çekildi. Garry molla sypaýçylyk etdi.
– Hally jan, iý, çekilme!
Hallyjygyň bolmajysy boldy. Ol Çowdura gaharly garady.
– Hana, şol iýibersin. Walla, işdä goýamyşmy, üssüne geldik diýip bir barmak çörek iýjek bolduk welim, bokurdagyma tegek etjek.
Çowdur Hallyjygyň bolup oturyşyna, çagaňky ýaly bolgusyz kinesine ýylgyrdy.
– Mollam, tüweleme, iýip bildi-le, bir omynlaýsaňyz, indi bolşan bolsa.
Garry molla omyn etdi. Gulaly galyň gazak käselerinde gymyz getirdi. Myhmanlar ilkinji käsäni Garry molla uzatdylar.
– Ýok, özüňiz alyň, agşamyna suwly zat içsem, daşary köp çykarýar. Birneme agzymy saklamasam, soň janyma dert bolýar. Özüňiz içiň, noş bolsun…
Gymyz derejesine ýetirilip taýýarlanansoň, myhmanlar gaýta-gaýta içdiler.
– Äl, gawy gymyz eken-eýt. Biz obaň gazaklaram heýwere gawy gymyz edýärlar welin-eýt, bu heýwere üýtgeşikdeýt. – Çalyş hanyň aýdanyny Gündogdy hanam sessiz, baş atyp tassyklady.
– Ine dänim, tüýs gymyzy han agalara baransoň görersiňiz. Eý, olaryň eli bal.
– Han agam, han agam diýip goýmadyňaýt. Garnyňy doýran bolsaň indi bir edepliräk otursana…
Hallyjygyň girre gahary geldi.
– Walla, men seniň aşyň diýip gelemok-how. «Çagyr» diýdiler çagyrýan, «çagyrma» diýseler çagyramok, walla… Seňki näme diýsene, men saňa degemok, dolaşamok…
Çowdur gaharlanan boldy.
– Çagyrtjak bolsa han agaň idili adam tapmadymy, senden başga?
Hallyjyk gaşlaryny gerip oturanlaryň ýüzüne ýekän-ýekän garady.
– Wör, wör, adam daýlaýa. Wör, meniň nämäm barmyş, düzüg bolman. Saňa degdimmi, dolaşdymmy? Aý, ýok, häzir başga adam gelsin çagyrmaga diýip aýdaýaryn. Bolýa, bolýa.
Hallyjyk gaharly turup, gapa ýöneldi. Soňam hümürdäp, çykyp

gitdi.
Hallyjygyň gylygyna belet Çowdur, onuň unudan gylyjyny eline alyp yzyndan daş çykdy. Hallyjyk ep-esli ýerden ýelkildäp barýardy.
– How, beg, gylyjyny goýup nirä eňip barýaň? – diýip, gylyjy gökde bulaýlady.
Hallyjyk onuň sözüne üns bermedi, Ep-esli ýöränden soň bilinde gylyjynyň ýokdugyny görüp sakga durdy. Ep-esli wagtdanam, hyrra yzyna dolanyp gaýtdy. Ol zeýrenmäge başlady.
– Çowdur, sen meni oýnajak bolma, walla, gaharym gelerem, onsoň bir iş bitirip oturybererin. Soň «soňky tüýkülik sakgal ezmez». Sen mana süýkenme, getir gylyjy, getir.
Çowdur oňa ýene-de degmek isledi.
– Sen menden gylyç ýerine belanyň sapyny alarsyn. Han agaňa eltip berjek. «Atan ýerinde okuny… galdyryp» ýör bu nökeriň diýjek. Gylyjyňy goýup gideniňe hol, öýde oturan myhmanlaram şaýat, şeýtmesemem Çowdur bolmadygym, bolşuň şu bolsa…
Hallyjygyň gelşi batly bolsa-da, Çowduryň çyna berimsiz gürrüňi onuň badyna badak atdy. Ol Çowduryň ýanyna gelýänçä keşbini düýbünden üýtgetdi.
– Aý, Çowdur jan, walla, öwlüýäjan çapsyn, oýun edýän-ow. Beräýseneý, gylyjymy. Häk, wördüňmi, ýadymdan çykaýypdyr, beräýsene… Beräý-ow, indi galdyrmaýyn, duz kessin diýdim-ä.
Hallyjygyň sesine öýdäkilerem örüşdiler. Olar bu nökeriň henizem gitmänligine birhili keýp bilen ýylgyryşdylar.
– Heýt, batyr, şindi gideňokmeýt – diýip, Çalyş han oýun edip aýtdy. Emma Hallyjyk ony gara çyny bilen kabul etdi.
– Gider ýalak edýärmi, bi. Göreňzokmy, oýun edip gylyjymy bilimden alyp, indem şo-ol bermän, meni mätel edip dur. Gylyçsyz baranymy han aga göräýse, derimi boýnuma syrmyýamy! Öň näme abraý bar, biz garypda. Ber-ow, gylyjymy.
Çowdur onuň gylyjyny berdi. Hallyjyk onuň gynbagyna kemerini ötürip durşuna wagyrdap gepledi.
– Meňkä aýtmak, how, adamlar, gitjek bolsaňyz indi eglenmäliň. Hemmesi gelsin diýdi, han aga. Ýogsa-da, Balaja bagşa-da adam iberdi. «Uzak illerden han agamka myman gelipdir, şoňa birki heň edip bersin diý» diýip aýtdy. Baý, agşam hezil bolar-ow.

Ýörüň, gideliň, ýörüň.
Hallyjygyň eýemsiräbermesi Garry molla ýaramadyk bolsa-da, ol syr bildirmedi.
– «Çagyrylan ýere irinme…» diýipdirler. Molla, sen ýigitler bilen Onbegi hanyňka baryber. Menem agşamymy eglip galdygym, bararyn…
Nyýazsalyh molla göwünsiz gürledi.
– Häk, meniňem-ä agşamym ýok däl, baryp eglip galarys-da. Çagyrylansoň barmasaňam bolmoýor. Ýörüň, onda, eglenmän baralyň, adamlar.
Gündogdy han, Çalyş han, hemem Çowdur üçüsi Nyýazsalyh mollanyň yzyna düşüp, Adynageldi onbegi gökleňiň hataryna bakan ýola düşdüler. Taryhy proza